Ýurdumyzda 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan güni mynasybetli geçiriljek uly dabaralara, halkara konferensiýalaryna gatnaşmak üçin dürli ýurtlardan alymlardyr, Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenijiler gelmek üçin bu günki günlerden taýýarlyklar görýärler. Şol sebäpli- de biz hem öz ýokary okuw jaýymyzda bu maslahatlara birnäçe wagtdan bäri taýýarlanýarys. Bu bolsa, biziň Magtymguly Pyragynyň döredijiligindäki täsin hazynalara ýene bir gezek ýakynlaşmaga, onuň gudratly jümlelerinden ruh almaga mümkinçilik döreder. Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen has içgin tanyşmaga ýollar açar.   Elbetde, halkyň ösen medeniýetini gazanmak bir başga, onuň taryhyny ýygnamak, ony gelejege äkitmek, welin düýbünden başga zat. Şonuň üçin hem paýtagtymyzda ýerleşýän  nusgawy edebiýatymyza, onuň örän uly hazynasyna ser salmazdan öňürti, Magtymguly Pyragysy bilen dünýäniň ýüzünde tanalýan türkmeniň ykbaly şygryýet ýa- da edebiýat däl- de eýsem, ýaradylyşyň başlangyjyndan tä ahyryna çenli edebi, çeper mirasyny öwrenmekde we dünýäde wagyz etmekde, şeýle hem şol beýik, meşhur şahsyýetlerimiziň senelerini dabaralandyrmak babatynda uly mümkinçilikler döredilýär. Şahyr dünýäniň ýüzünde gören- eşidenlerini, bilenlerini, özüniň öwrenen astronomik hem- de geografiýa ylymlaryndan hem- de geometriýa ylymlaryndan gözbaş alýandygyny subut edýär.

Magtymgulynyň döredijiligi diňe bir şygryýet ýa- da edebiýat däl- de eýsem, ýaradylyşyň başlangyjyndan tä ahyryna çenli ähli barlygy, onuň hereketleri, aýlanyp, türkmen halkynyň beýik akyldar ogly, söz ussady Magtymguly Pyragynyň mertebesi, şan- şöhraty, abraýy diňe bir halkymyzyň arasynda sarpalanman, eýsem dünýä halklarynyň arasynda hem onuň mertebesi, at- abraýy has- da belentde tutulýar. Akyldaryň umumyadamzat gymmatlygyna öwrülen pikir- garaýyşlary, durmuş zerurlyklaryny beýan edýän köpugurly pelsepewi taglymatlary şu günki kämil jemgyýetimiziň akyl hem-de ruhy goldawy bolup hyzmat edýär. Beýik şahsyýetiň çeper söz arkaly aňladýan pikirleri, garaýyşlary we gymmatly öwütdir-ündewleri edebiýaty öwrenijileriň ünsüni öňden bäri özüne çekip gelýär.

Magtymguly Pyragynyň çeper pikirlenmesine düýpli aýratynlyklar bilen bir hatarda onuň bütin dünýä ähmiýetli halklaryň gatnaşyklary, parahat asuda durmuşda, Berkarar döwletde agzybir, bir supranyň başyna jem bolup ýaşamaklary ugrunda eden arzuw- niýetleri, onuň döredijiliginde baş pikir bolup janlanýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu aýdanlary hakykatdan hem jaýdar bellenen pikirlerdir. Bu günki gün täze taryhy döwürde ussadyň edebi mirasyny berk öwrenilmegi hem- de akyldaryň döredijiligine bagyşlap geçirilýän birnäçe döredijilik duşuşyklary, söhbetdeşlikleri  mirasymyzda iň sarpaly ýerde bolmagy türkmen halkynyň başyny göge ýetirýär. Çünki biziň beýik Magtymguly Pyragymyzyň döredijiligi Gahryman Arkadagymyzyň hem ýiti paýhasynda gönezlik bolup gaýnaýar. Magtymguly Pyragynyň ilkinji halypasy Döwletmämmet Azady bolsa- da ol oba medresesini

Все права защищены Current Date

tamamlanyndan soň Buharadaky Gögeldaş medresesine okuwa gidýär. Bu ýerde Şygyrlarynda kanoniki şekilleri berip, dünýäniň nijeme filosoflaryny aňk eden Pyragyny bu gün nijeme dillere Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen terjime edilmegi ýurdumyzda edilýän işleriň has dabaralanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Elbetde türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan gadymy gymmatlyklarymyz bizi hemişe buýsandyrýar. Türkmen dutarynyň şirin heňlerinde şygyrlary ereýän beýik Pyragynyň türkmen halkynyň Garaşsyzlygyny hemişe arzuw edip ýaşandygyny bilýäris. Şahyr ýüregi halkyna daýanyp, onuň beýik ruhunda emele gelen beýik bir sütünden ruhlanyp, elbetde zamananyň tanymal şahsyýeti bolandygy hemmämiz üçin aýandyr. Magtymgulynyň diliniň döremegi üçin ilki türkmeniň dili özbaşdaklygyny alyp, soňra heňňamyň sesine sesini goşan şahyryň diliniň döremeginiň gerekdigi beýik pelsepä gulluk edýän hakykat bolmagy öz döwründe hem aýandy. Elbetde adamzat öz diliniň gözelligini hem- de onuň medeniýetiniň derejesi bilen halkynyň mertebesini saklaýar. Biz mydama şeýle bir hakykatyň bardygyna göz ýetirmelidiris.

Magtymguly Pyragy hem dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna türkmeniň medeniýetiniň we edebiýatynyň goşulmagy üçin beýik sütün goýup giden şahsyýetdir. Magtymguly Pyragynyň Türkmen milletiniň  milli şahyry bolmak bilen eziz halkynyň akyl-payhasyndan dürdäne ündewine uýup, dünýä we adamzat ýaşaýşynyň ähli taraplary hakynda az we uz, şeýle hem ölmez- yitmez şygyrlary miras goýup gidipdir. Şahyryň öz dilini goýup gitmek her bir söze erk edýäne başartmaýan hem bolsa, ol Magtymguly ýaly beýik medeniýetiň içinde, ylmy kämilligiň hazynasynda dili hem-de tarapdan hem bütin gündogar edebiýatinda, belki- de dünýäde  heýkellere  öwrülen we her biriniň aňyrsynda giden bir düşünje ýatan atlardyr, adalgalary özüniň giň düşünjelerini beýan etmek üçin örän yerlikli ulanyp bilipdir. Hut şonuň üçin hem onuň köp goşgularyny, ylaýta- da filosofik düşünjelerini halk köpçüligine has düşnükli  beýan etmek üçin ençeme kitaplar ýazmak bolar hem-de ýazylmalydyr diýip düşünýäris. Belki- de Beýik Magtymguly özüniň gysga hem aladadan doly ömrüniň dowamynda mähriban halkyna örän köp öwütler edipdir.

Elbetde, Magtymgulynyň oý- pikirlerini  açmak we halk köpçüligine has düşnükliräk beýan etmek üçin edilen işler az däldir. Türkmen alymlarynyň arasynda Magtymgulynyň döredijiliginde ynsanyň mertebesi, öz ýaşan döwrüne we onuň talaplaryna dogry düşünmek bilen özüniň taryhy wezipesini nä derejede ýerine ýetirendigi hem- de öz halkyna we bütin adamzada eden hyzmatlary bilen kesgitlenilýär. Şu hakykaty göz öňünde tutmak bilen biz, öz beýik akyldarymyz hem milli şahyrymyzyň beýikligine dogry hem älem syrlaryny bir ara getirip, şol syrlar içinde täze bir ýol arçamasy , ýörelmedik ýola tarap, yşyk göndermesi ýaly bir zat bolup görünýär, şähyryň döredijiligi.

Все права защищены Current Date

**Çarynazar ARABOW**
**S.A.Nyýazow adynaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены Current Date

# Today's Date